# Şahly kelleçanaklar

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Şahly kelleçanaklar ŞAHLY KELLEÇANAKLAR



«Pursuit» žurnalynyñ 1973-nji ýyldaky 6-njy sanynda çap edilen bir habarda 1880-nji ýylda ABŞ-nyñ Pensilwaniýa ştatynynyñ Bradford posýologynyñ golaýyndaky «Saýre» mazar depesinde birnäçe sany şahly adam kelleçanaklarynyñ tapylandygyny aýdýar.
Geçirilen barlaglarda b.e.öñki 1200-nji ýyllarda jaýlanandygy anyklanan bu adamlaryñ boýunyñ takmynan 2 metr 10 sm çemesi bolandygy çak edilýär. Göwresiniñ ululygyny we kelleçanaklaryñ üstünde 6-7 sm uzynlygyndaky şahlaryny diýmeseñ, skletleriñ beýleki skletlerden tapawutly ýeri ýok ýalydy.
Kelleçanaklar şol wagt Prisbiteriýan buthanasynyñ taryh bölüminde professor A.B.Skinner we ABŞ-nyñ «Investigating»

muzeýiniñ işgäri professor W.K.Morehead tarapyndan içgin öwrenilipdir. Massaçusetsdäki muzeýe ugradylan kelleçanaklaryñ ogurlanandygy aýdylyp, şondan soñ bu gymmatly tapyndylary gördüm-bildim bolmandyr. Şeýlelik bilen bu taryhy açyş hem ýom-ýok edilipdir. Yzda bolsa gazet-žurnallaryñ bary-ýogy birnäçe setirlik habary galdy.

Internet habarlary esasynda taýýarlandy. Geň-taňsy wakalar